



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**

**— Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä üçin hemişe açykdyr. Biz Ýer ýüzünde asudalygy, howpsuzlygy berkitmek üçin geljekde-de ähli zerur işleri amala aşyrarys.**

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 10 sahypa | 2025 | Ýörite sany

## ROWAÇLYGA BESLENEN ÝYL

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görýär. Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda uly ösüşler gazanylyp, ähli ulgamlarda belent sepgitlere ýetilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ata Watanymyzyň halkara abraýy hem belent derejelere göterilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämiziň şeýle uly ösüşleriň, üstünlikleriň gazanylmagynda uly ähmiýete eýedigini nygtamak ýakymlydyr. Has dogrusy, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi halkara ykdysady gatnaşyklary, hoşniýetli hyzmatdaşlyklary ösdürmekde aýratyn möhüm orna eýedir. Döwlet Baştutanymyzyň parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwer, hoşniýetli syýasatynyň dünýäde ykrar edilýändigi bolsa has-da buýsandyryjydyr.

Bu gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň, taryhy tutumlarynyň netijesinde dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklar, özara bähbitli hyzmatdaşlyk barha giň gerime eýe bolýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ähli ulgamlarda bolşy ýaly, bilim ulgamynda hem uly üstünlikler gazanyldy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem şanly ýylymyzda uly öňegidişliklere ýetildi.

Döwlet Baştutanymyz tarapyndan kesgitlenen bilimiň hiliniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen ilkinji nobatdaky wezipeleriň hatarynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerini bilim görkezijileri boýunça dünýäniň abraýly okuw mekdepleriniň sanawyna girizmek boýunça degişli işler görülýär. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Times Higher Education (THE)» abraýly halkara guramasynyň «Impact Rankings 2025» atly ýokary okuw mekdepleriniň bütindünýä reýtingine goşulmagy hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda geçirilen himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiadanyň uly guramaçylyk derejesinde geçirilmegi, bäsleşikde ýurdumyzyň talyp ýaşlarynyň birnäçesiniň baýrakly orunlary eýelemegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuňňur oýlanyşykly işlenip taýýarlanylan bilim syýasaty sagdyn, hemmetaraplaýyn ösen, giň dünýägaraýyşly ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda durmuşa geçirilýän giň gerimli işler özüniň oňyn netijesini-de berýär. Uniwersitetimiziň talyplary ýaşlaryň arasynda geçirilýän dürli derejeli bäsleşiklerdir ýaryşlara işjeň gatnaşýarlar. Milli we iri halkara ders bäsleşiklerine gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeleýän ýaşlaryň sany ýyl-ýyldan artýar, ylymda we döredijilikde ýokary sepgitlere ýetýärler. 7 — 9-njy noýabr aralygynda Polşa Respublikasynyň Katowiçe şäherindäki Silesia uniwersitetinde dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda matematika boýunça halkara olimpiadada Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary 3 altyn, 2 kümüş medallara, şonuň ýaly-da, toparlaýyn bäsleşikde höweslendiriji baýraga mynasyp boldular. Şeýle hem, 6 — 9-njy noýabr aralygynda Indoneziýa Respublikasynyň Bali şäherinde geçirilen «Bütindünýä ýaş fizikaçylar olimpiadasy — 2025» atly dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda fizika dersi boýunça geçirilen bäsleşikde uniwersitetimiziň talyplary medallaryň 6-syna (2 altyn, 2 kümüş, 2 bürünç), şonuň ýaly-da, Baş baýraga mynasyp boldular.





Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi hem-de Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda yglan edilen «Talyp gözeli — 2025» atly gözellik bäsleşiginde baş baýraga Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyby Aýlar Çaryýewa mynasyp boldy. Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň bilelikde guramagynda ýokary okuw mekdepleriniň talyp oglanlarynyň arasynda geçirilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň gerçekleri» atly bäsleşikde bolsa uniwersitetimiziň himiýa fakultetiniň talyby Rüstem Saryýew ýeňiji boldy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 15-nji dekabrynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz halkara bilim we sport bäsleşiklerinde gazanan ýeňişleri bilen Watanymyzyň şanyna şan goşan ýaşlary sylaglady. Olaryň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarydyr mugallymlary hem Şa serpaýlarynyň eýesi boldular. 20-nji dekabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik toplumynyň wekillerini Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly hem-de «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglamak dabarasy geçirildi. Sylaglara mynasyp bolanlaryň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň hem bolmagy guwandyryjydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bedew batly ösüşler bilen nurana geljege tarap ynamly öňe barýar. Her bir günümizi toý-baýrama besleýän hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik başlangyçlary rowaç bolsun!

**Kaýys DAŇATAROW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen edebiýaty kafedrasynyň uly mugallymy.**

## Täzelikler

# Nusgalyk ýoluň beýany



***16-njy dekabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik toplumy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.***

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda guralan kitaplaryň, amaly-haşam sungatynyň sergisi, ýokary okuw mekdebiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar topary tarapyndan ýerine ýetirilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösüşlere alyp barýan tutumly işlerini, Bitarap Watanymyzyň okgunly ösüşlerini, milli gymmatlyklarymyzy, türkmen tebigatyny wasp edýän aýdymlar tanyşdyrylyş dabara gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy.

Dabaranyň başynda Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplary tarapyndan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» kitaby esasynda sahnalaşdyrylan edebi-sazly kompozisiýa ýerine ýetirildi.

Tanyşdyrylyş dabarasynda çykyş edenleriň belleýşi ýaly, hormatly Prezidentimiziň täze kitabynda halkymyz özüniň ruhy-ahlak gymmatlyklaryna, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine berk eýerip, asyrlarboýy bu gatnaşyklara ygrarly bolandygy, onda bu gatnaşyklar türkmen halkynyň şöhratly baş müňýyllyk taryhy bilen baglanyşykly giňişleýin beýan edilýär. «Bitaraplyk — türkmen paýhasynda», «Bitaraplygyň taryhy köklerine nazar aýlap», «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy: netijeli hyzmatdaşlygyň baý tejribesi», «Parahatçylyk we ynanyşmak — döwrüň derwaýyslygy», «Bitaraplygyň ynsanperwer ölçegi», «Türkmenistanyň «Açyk gapylar» syýasaty», «XXI asyr: Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady strategiýasy», «Parahatçylyk — türkmen siwilizasiýasynyň binýady», «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda taryhy resminamalar, gutlaglar, çykyşlar» atly bölümleriň 9-ysyndan ybarat




bolan täze kitabyň türkmen halky üçin taryhymyzyň, medeniýetimiziň, ruhy gymmatlyklarymyzyň beýanyna öwrülendigi bellenildi.

Çykyşlarda Gahryman Arkadagymyzyň berkarar Watanymyzda öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk» taglymatyny, «Dialog — parahatçylygyň kepili» ylmy filosofiýasyny hem-de Milli Liderimiziň atalyk kitaplarynda öz beýanyny tapan parahatçylyk, hoşniýetlilik we ynanyşmak ýörelgeleri täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiz tarapyndan uly üstünlik bilen durmuşa geçirilýändigi buýsanç bilen nygtaldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylary tarapyndan ýerine ýetirilen «Alkyş Size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!» atly aýdym dabara özboluşly öwüşgin berdi. Dabara gatnaşyjylar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly çuň manymazmunly ajaýyp eseri peşgeş berendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny bildirdiler.

Tanyşdyrylyş dabarasynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylaryň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul edildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Şa serpaýy — uly ynam



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 15-nji dekabrynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz halkara bilim we sport bäsleşiklerinde gazanan ýeňişleri bilen Watanymyzyň şanyna şan goşan ýaşlary sylaglady. Olaryň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarydyr mugallymlary hem Şa serpaýlarynyň eýesi boldular.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä derejesindäki ders bäsleşiklerinde we olimpiadalarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza wekilçilik edip, ýurdumyzyň bilim ulgamynda ýeten ýokary sepgitlerini dünýä ýaýmakda ukyp-başarnyklaryny gaýgyrmaýan ýaşlaryň arasynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarydyr mugallymlarynyň hem bardygy buýsandyryjydyr.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň buýrugy bilen dünýä derejeli olimpiadalarda birinji orna hem-de altyn medala mynasyp bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň himiýa fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Ýakup Annaorazow hem-de himiýa fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Şatlyk Batyrow 100 000 manat möçberde pul baýragy bilen sylaglanyldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň fizika fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Mähriban Kakamyradowa, hukuk fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Dawud Abdykadyrow, maglumat tehnologiýalary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Amanmyrat Annamuhammedow hem-de matematika fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Şabibi Nurjanowa dünýä derejeli olimpiadalarda ikinji orna hem-de kümüş medala mynasyp bolandyklary üçin 70 müň manat möçberde pul baýragy bilen sylaglanyldy.

Dünýä derejeli olimpiadalarda ýokary netijeleri gazanan talyplary taýýarlan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň matematiki analiz kafedrasynyň mugallymy Agaserdar Ýollyýew, nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi Allamyrat Amanmädow, organiki däl we analitiki himiýa kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi Ýagmyr Tulekow 100 000 manat möçberde pul baýragy bilen sylaglanyldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli sylaglamak dabarasy geçirildi

20-nji dekabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik toplumynyň wekillerini Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly hem-de «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglamak dabarasy geçirildi.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda guralan kitaplaryň, amaly-haşam sungatynyň sergisi, ýokary okuw mekdebiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar topary tarapyndan ýerine ýetirilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hemişelik Bitarap Watanymyzyň okgunly ösüşlerini, milli gymmatlyklarymyzy wasp edýän aýdymlar dabara gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy.

Dabarada çykyş edenleriň belleýşi ýaly, hemişelik Bitaraplyk syýasatyny alyp barýan eziz Watanymyz gysga taryhy döwrüň içinde dünýäniň hemmetaraplaýyn ýokary depginler bilen gülläp ösýän, kuwwatly döwletleriniň birine öwrüldi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli geçirilen halkara forum uly üstünliklere beslendi.

Soňra «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalynyň hem-de «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşanynyň gowşurylyşy boldy. Sylaglara mynasyp bolanlaryň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň hem bolmagy guwandyryjydyr.

Dabara gatnaşyjylar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe zähmet çekmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini aýtdylar.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Alkyş Size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!

## Hoşallyk maslahaty geçirildi



**17-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda «Kämil bilim, ylymly nesil – Bitarap Watanymyzyň durnukly ösüşleriniň aýdyň kepili» atly hoşallyk maslahaty geçirildi.

Hoşallyk maslahatynda çykyş eden professor-mugallymlar we talyplar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen döwletiň we jemgyýetiň ösüşinde ýaşlaryň ornunyň kesgitlenendigini belläp geçdiler. Çykyşlarda şu ugurda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda 15-nji dekabrda Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty boýunça sport toplumynda sport ýaryşlarynda we ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlary hem-de olaryň halypa mugallymlaryny, tälimçilerini sylaglamak dabarasynyň geçirilendigini, ýurdumyzda ylymly, bilimli, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak barada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtap geçdiler.

Şonuň ýaly-da, çykyşlarda Halkara Bitaraplyk gününiň we hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygynyň bellenilýän günlerinde Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabyny sowgat etmegi, häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly, syýasy taýdan sowatly ýaşlary kemala getirmekdäki hyzmaty dogrusynda belläp geçdiler.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylary tarapyndan ýerine ýetirilen «Alkyş Size Arkadagly Gahryman Serdarymyz», «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda», «Watanym», «Türkmenistan» ýaly aýdymlar hoşallyk maslahatyna gatnaşyjylarda täsir galdyrdy.

Hoşallyk maslahatynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar ýaşlaryň ylymly, bilimli we giň dünýägaraýyşly ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

**Agaserdar ÝOLLYÝEW,**
**matematiki analiz kafedrasynyň mugallymy:**

— Men uniwersitetde 5 ýyldan bäri zähmet çekýärin. Talyplarymyzyň köpüsi halkara derejeli bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edýärler. Elbetde, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde bilimiň hem-de ylmyň özara baglanyşygyny berkitmek, tejribeli professor-mugallymlaryň ýolbaşçylygynda talyplary ylma höweslendirmek boýunça işler uniwersitetimizde hem guramaçylykly alnyp barylýar. Şoňa görä-de, hormatly Prezidentimiz dünýä derejeli olimpiadalarda ýokary netijeleri gazanan okuwçylary we talyplary taýýarlan mugallymlary serpaýlady. Maňa hem dabaraly ýagdaýda 100 müň manat möçberde pul baýragy gowşuryldy. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys!

**Allamyrat AMANMÄDOW,**
**nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi:**

— Hormatly Prezidentimiz ýaş nesliň ylym-bilimli bolup ýetişmegine aýratyn üns berýär. Şonuň üçinem eziz Diýarymyzda ýaşlaryň döwrebap bilim-terbiýe almaklary, kämil düşünjeli, watansöýüji nesiller bolup ýetişmekleri üçin ähli şertler döredilýär. Biz hem ýokary okuw mekdebimizde ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almaklary ugrunda döredilýän mümkinçiliklerden peýdalanyp yhlasly zähmet çekýäris. Biz — mugallymlar döredilip berilýän şeýle mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, halkara üstünliklerimiz bilen türkmen tuguny has-da belentde parlatjakdygymyza ynandyrýarys.

**Ýagmyr TULEKOW:**
**organiki däl we analitiki himiýa kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi:**

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bilimli-ylymly ýaşlary taýýarlamak ugrunda toplumlaýyn özgertmeler amala aşyrylýar. Şunuň esasynda, häzirki wagtda eziz Watanymyzda ylym-bilim ulgamyny ösdürmek boýunça uly işleriň alnyp barylýandygyny, bu işleriň bütin dünýäde giň goldawa eýe bolýandygyny buýsançly nygtamak gerek. Dürli bäsleşiklerde mynasyp çykyş edip biljek ýaşlary taýýarlamak mugallym hökmünde biziň esasy borjumyzdyr. Şa serpaýlary, hormatly atlar bizi has yhlasly işlemäge borçlandyrýar. Watanymyzy, halkymyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy ýeneki üstünliklerimiz bilen begendirmek üçin yhlasymyzy gaýgyrmarys.

**Ýakup ANNAORAZOW,**
**himiýa fakultetiniň 3-nji ýyl talyby:**

— Döredijilikde, sungatda, sportda, garaz, durmuşyň ähli basgançagynda ýeňiş yhlasdan başlanýar. Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Döwrümiz, döwletimiz, günümiz, aýymyz, ýylymyz babatda hemmämizem şol pikirde: niýetiňe görä nesibe, düşünjäňe görä netije, yhlasyňa görä ykbal tapyp bolýar» diýip belleýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz gazanan halkara üstünligimize ýokary baha berip, meni hem Şa serpaýy bilen sylaglady. Bu, elbetde, uly buýsanç we jogapkärçilik. Ýurdumyzda ylym-bilimiň ösdürilmegine, ýaşlaryň dürli ýaryşlara gatnaşmagyna uly üns berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Şatlyk BATYROW,**
**himiýa fakultetiniň 2-nji ýyl talyby:**

— Uniwersitetimizde himiýa dersi boýunça geçirilen IV halkara olimpiadada A dereje boýunça 1-nji ornuň hem-de altyn medalyň eýesi bolmagym ýatdan çykmajak waka bolupdy. Golaýda hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmagym bolsa ömrümiň iň arzyly pursatlarynyň birine öwrüldi. Elbetde, ajaýyp döwrümiz ykballary galkyndyrýar. Şanly ýylymyzda Watanyň şanyna şan goşan ýaşlaryň sylaglanylmagy buýsanjymyzy goşalandyrdy. Biz — ýaşlara ähli mümkinçilikleri döredip berýän Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys!

**Mähriban KAKAMYRADOWA,**
**fizika fakultetiniň 1-nji ýyl talyby:**

— Men 6 — 9-njy noýabr aralygynda Indoneziýa Respublikasynyň Bali şäherinde «Bütindünýä ýaş fizikaçylar olimpiadasy — 2025» atly dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda fizika dersi boýunça geçirilen bäsleşikde baýrakly orny eýeledim. Ine, bu gün bolsa halkara bäsleşikde gazanan üstünligim üçin Şa serpaýynyň eýesi boldum. Munuň özi ýurdumyzda ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagy barada döredilýän oňyn şertleriň netijesidir. Elbetde, yhlas hem-de halal zähmet bilen ýetilýän üstünlikler ynsan ömrüne many çaýýar. Zähmetimize berlen ýokary baha üçin buýsanjymyzyň çägi ýokdur. Goý, her birimiziň ýüreklerimizde beslän ak arzuwlarymyz hasyl bolsun!

**Dawud ABDYKADYROW,**
**hukuk fakultetiniň 4-nji ýyl talyby:**

— Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda halkara sport ýaryşlarynda we ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlary hormatly Prezidentimiziň hut özüniň sylaglamagy ýurdumyzda ýaşlaryň ornunyň ýokary derejededigini aýdyňlyk bilen görkezdi. Olaryň hatarynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň elinden sylag almagym meniň hem durmuşymda iň bir ýatdan çykmajak pursatlarymyň biri boldy. Biz — ýaşlaryň paýyna bolsa şeýle uly ynamdan ruhlanyp okamak, döretmek, ýurdumyzyň beýik ösüşlerine öz mynasyp goşantlarymyzy goşmak düşýär.

**Amanmyrat ANNAMUHAMMEDOW,**
**maglumat tehnologiýalary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby:**

— Ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi, bilimde, ylymda we döredijilikde ýokary netijeleri gazanmagy döwletimizde ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Golaýda hormatly Prezidentimiziň hut özüniň gatnaşmagynda dünýä derejesindäki sport ýaryşlarynda we bilim bäsleşiklerinde Watanymyzyň abraýyny belende göteren türgenlere, tälimçilere we zehinli ýaşlara Şa serpaýyny gowşuryş dabarasy boldy. Şol ýaşlaryň arasynda meniň hem bolmagym toýly günlerdäki şatlygymy goşalandyrdy.

Mundan beýläk hem biz — ýaşlara ýurdumyzyň geljegi hökmünde garaýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent ynamyna mynasyp bolmak üçin arman-ýadaman zähmet çekmek her birimiz üçin mukaddes borçdur, egsilmez bagtdyr.

**Şabibi NURJANOWA,**
**matematika fakultetiniň 5-nji ýyl talyby:**

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň jemleýji günlerinde täze ýylyň bosagasynda hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmak diýseň başgaça duýgy we ýakymly pursat.

Men 7 — 9-njy noýabr aralygynda Polşa Respublikasynyň Katowiçe şäherindäki Silesia uniwersitetinde dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda matematika boýunça geçirilen halkara olimpiadada altyn medala mynasyp boldum. Elbetde, bu ýurdumyzda ýaşlary ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen, ruhubelent adamlar hökmünde kemala getirmegiň möhüm wezipe bolup durýandygyny aýdyň görkezýär. Döwlet Baştutanymyzyň ylym-bilimli, giň gözýetimli ýaşlary ýüze çykarmak ugrunda edýän tagallalaryna çyn ýürekden alkyş aýdýarys.

# Uniwersitet habarlary

## Ylmy-amaly maslahat geçirildi

**1-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň guramagynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň alymlarynyň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň professor-mugallymlarynyň, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta mekdebiniň, Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymlarynyň, talyplarynyň gatnaşmagynda «Rus dilini daşary ýurt dili hökmünde okatmagyň nazary we amaly meseleleri» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.



Ylmy-amaly maslahatda häzirki zaman türkmen jemgyýeti üçin ýaş nesli terbiýelemekde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň ähmiýeti, türkmen-rus gatnaşyklarynda sözlükleriň ähmiýeti, geljekki halkaraçy hünärmenlere rus dilini öwretmegiň aýratynlyklary, rus dilini öwretmekde innowasion usullar, rus dilini hünär dili hökmünde okatmagyň aýratynlyklary, okatmagyň maksatlary, hil talaplary hem-de görnüşleri ýaly ylmy nutuklar boýunça çykyş edildi.

## Ýeňişli ýollaryň ýalkymy

**4-nji dekabrda** Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýinde hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy, şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, «Edebiýat we sungat» gazetiniň redaksiýasynyň hem-de Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň bilelikde guramagynda geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak — Bitaraplygyň binýady» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Geçirilen bäsleşige



ýurdumyzyň dürli künjeklerinden eserler gelip gowşup, olarda parahatçylyk, Watan mukaddesligi, dost-doganlyk, agzybirlik, ynam hakyndaky pikirler çeper beýan edilýär. Bäsleşige Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlarydyr talyp ýaşlary hem işjeň gatnaşyp, ýeňişli orunlara mynasyp bolmagy başardylar. Olar:

türkmen dili kafedrasynyň dosenti Begmyrat Weýisow — baş baýrak;

türkmen dili kafedrasynyň mugallymy Aýjemal Hajyýewa — 2-nji orun;

türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby Mukam Bekgylyjow — höweslendiriji;

žurnalistika hünäriniň 5-nji ýyl talyby Güneş Derýaýewa — höweslendiriji;

žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby Parahat Batyrow — höweslendiriji;

taryh fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Owadangözel Ýusubowa — höweslendiriji.

Bäsleşigiň ýeňijilerine guramaçylar tarapyndan Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

## Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli ylmy-amaly maslahat geçirildi

**5-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli «Hormatly Prezidentimiziň Bitaraplyk, parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty — durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ygtybarly ýoly» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Maslahatyň işi umumy mejlisde we bölümçeleriň 12-sinde dowam etdirildi. Maslahata Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, hünärmenleri, talyplary, ylmy-barlag institutlarynyň alymlary, ylmy işgär-



leri, ministrliklerdir pudaklaýyn edaralaryň hünärmenleri, şeýle-de, aspirantlar we alymlyk derejelerine dalaşgärler 480-den gowrak ylmyň hem-de tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary boýunça ylmy nutuklary bilen gatnaşdylar.

## Talyplarymyzyň üstünligi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň we «Zaman Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň bilelikde yglan eden «Edebiýat — dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşiginde ýeňiş gazandylar. Türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby Toýly Babaýew bäsleşikde 1-nji orna mynasyp boldy. Şeýle hem taryh fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Zyýada Ýusubowa 3-nji orny eýeledi.



Bäsleşigiň ýeňijilerine guramaçylar tarapyndan Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

## Halkara ylmy-amaly maslahat

**4-nji dekabrda** Belarus Respublikasynyň Minsk şäherinde ýerleşýän Daşary ýurt dilleri Belarus döwlet uniwersitetiniň ÝUNESKO kafedrasy tarapyndan «Häzirki zaman dünýäde watansöýüjilik terbiýesiniň meselelerini seljermekde ylmy-usuly garaýyşlar» atly halkara ylmy-amaly maslahaty geçirildi. Onuň işine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşdylar. «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň doktory B.Diwangulyýewa «Watansöýüjilik terbiýesinde türkmen epiki mirasynyň orny», arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty S.Ataýew «Daşary ýurt türkmenleriniň etnomedeni baglanyşyklarynyň öwrenilmeginiň häzirki ýagdaýy we geljegi» we şol kafedranyň mugallymy J.Şagulyýewa «Ýaşlaryň watansöýüjilik terbiýesi — geljegiň girewi» atly ylmy nutuklary bilen çykyş etdiler.



## Aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi

**17-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň biologiýa fakultetiniň jemgyýetçilik guramalary tarapyndan «Dost-doganlyk, ynanyşmak — türkmen halkynyň edebi ýörelgesi» atly aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli guralan çäre biologiýa fakultetiniň talyplarynyň çeper okaýyşlary bilen başlandy.



Wagyz-nesihat çäresi Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzalygyna kabul edilen mugallymlara we talyplara agzalyk şahadatnamalarynyň gowşurylyş dabarasy bilen utgaşdy.

## Zehin bäsleşigi

**17-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Akyl, parasat ýolunda nurly geljege tarap» ady bilen guralýan «Bilermenler» zehin bäsleşigi geçirildi.

Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden bir topar gatnaşyp, her topar 6 esasy, 2 ätiýaçdaky talypdan düzüldi. Bäsleşik 3 tapgyrda geçirildi we her tapgyrda 12 sorag berildi.

Soraglar Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserleri esasynda taýýarlanyldy. Şeýle-de, bäsleşigiň dowamynda umumy, logiki we baýramçylyga bagyşlanan soraglar berildi.

Zehin bäsleşiginde ýeňiji bolan toparlar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň degişli diplomlary hem-de ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglanyldy.

## ÝUNISEF bilen geçirilen dabara

**18-nji dekabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratnanyň we bu gaznanyň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak hem-de Bilim ministrlikleriniň wekilleriniň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň professor-mugallymlarynyň hem-de talyplarynyň gatnaşmagynda durmuş gullugy boýunça hünärmenler üçin sertifikatlaşdyryş okuw maksatnamasyny tamamlanlary sylaglamak dabarasy geçirildi.



Dabaranyň dowamynda ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna tarapyndan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň durmuş işi hünäriniň mugallymlary üçin niýetlenen durmuş işi bilen bagly okuw kitaplary gowşuryldy.

Dabaranyň ahyrynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň mugallymlaryna, durmuş işi boýunça hünärmenlere şahadatnamalar gowşuryldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Bitaraplyk — bagtyýar ýaşaýşyň açary

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly döwletli türkmen halkymyzyň ykbalynda düşümli ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl parahatçylygyň, ynanyşmagyň, dost-doganlygyň, rowaçlyklaryň, täze ösüşleriň ýyly hökmünde halkara derejesinde dabaralandy, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýy ýokary derejede giňden toýlanyldy. Bitaraplyk baýramy — Türkmenistanyň we külli türkmen halkynyň parahatçylyk, dostanalyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlydygyny alamatlandyrýan baýramdyr.



«Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet — bu biziň ata Watanymyz — eziz Türkmenistandyr!». Bu ganatly jümleleri indi tegelek otuz ýyl bäri her bir türkmen raýaty uly buýsanç bilen gaýtalaýar. Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygy — asudalygyň we gülläp ösüşiň kepili. Hemişelik Bitaraplyk — dostlugyň we hyzmatdaşlygyň gözbaşy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň kökleri halkymyzyň müňýyllyklara uzaýan taryhyndan gözbaş alýar. Hoşniýetli Bitaraplyk ata-babalarymyzyň ädimme-ädim sünnäläp gelen ynsanperwer ýol-ýörelgeleriniň biridir. Bitaraplyk syýasaty dünýäde parahatçylykly ýol bilen bagtyýar geljege sary ynamly öňe gitmekdir. Türkmen halkynyň milli özboluşlylygy bolan ynsanperwerlik ýoly Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynda öz beýanyny tapýar.

Türkmeniň adyny arşa göteren iki mukaddeslik bar. Olaryň biri özygtyýarlygymyzyň girewi bolan milli Garaşsyzlygymyz bolsa, beýleki ganaty parahatçylygyň we asudalygyň kepili bolan hemişelik Bitaraplygymyzdyr. Agzybir türkmen ilimiz şol mukaddeslikler bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap ganat ýaýdy. Geçen otuz ýylyň içinde merdana halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini rowaçlandyrmaga, Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk etmäge hem-de tagallalary birleşdirmäge gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmek bilen, Ýer ýüzünde asudalygyň, howpsuzlygyň pugtalanmagyna şert döredýän hemişelik Bitaraplygymyzyň dünýä üçin nusgalyk bolmagyny gazandyk.

Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgesi parahatçylygy we durnuklylygy saklamakda, dostlukly gatnaşyklary, döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyklary ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen halkara forum dünýä döwletleriniň, halkara we sebit guramalarynyň ýokary derejeli wekillerini bir ýere jemledi. Döwlet we hökümet Baştutanlary, iri halkara guramalarynyň ýolbaşçylary forumda çykyş edip, ählumumy howpsuzlygy pugtalandyrmakda, halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde türkmen Bitaraplygynyň möhüm ornuny bellediler. Hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň forumda beýan eden teklipleri goldanyldy. Forumyň jemleýji resminamasy hökmünde Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Bu halkara forumyň netijeleri umumy abadançylygyň bähbidine halkara hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge ýardam eder.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimiziň Bitaraplyk we parahatçylyk ýoly bilen geljegiň belent maksatlaryna uly üstünlikler bilen ýetjekdigine her bir türkmen raýaty ynanýar. Sebäbi Gahryman Arkadagymyz: «Türkmenistan Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine wepaly bolup, parahatçylyga, dost-doganlyga, özara peýdaly hyzmatdaşlyga esaslanýan ösüş ýoly bilen barýar. Şol ýolumyz bizi röwşen geljege ýetirer» diýip nygtaýar.

Türkmenistan Watanymyz — parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýurdy. Asuda hem abadan Watan — bagtyýarlykda şat döwran sürýän halkyň ruhuny belende göterýär. Watan — başymyzyň täji, göz guwanjymyz. Garaşsyzlyk we Bitaraplyk — baş buýsanjymyz.

Goý, türkmen Tugy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, baky Bitaraplygymyzyň, parahatçylykly ösüşlerimiziň nyşany hökmünde hemişe al-asmanda rahat pasyrdap dursun!

**Laçyn BEGZADAÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# Filosofiýanyň taryhynda adam meselesi: deňeşdirme seljermesi

(Soňy. Başlangyjy gazetiň geçen sanynda)

Adam baradaky garaýyşlar filosofiýa döremezden öň hem bardy. Taryhyň başynda pikirlenmäniň dini we mifologik görnüşlerini döreden ilkidurmuş adamlary kyssalar, mifler we rowaýatlar görnüşinde adamzat ýaşaýyş-durmuşynyň mazmunyny beýan edýärdiler. Adama filosofik düşünmegiň ösüşi bu döwürde ylmy filosofiýa bilen mifologiýanyň arasynda bar bolan dialoglaryň esasynda bolup geçýärdi. Şeýdip, Gündogarda, hususan-da, hindi we hytaý filosofiýasynda adam baradaky ilkinji taglymatlar kemala gelýär. Hindi filosofiýasy gadymy hindi ýadygärligi bolan «Wedy» ýygyndysynda getirilendir. Onda adamzat ruhunyň meseleleri we onuň görnüşleri, dünýäniň aýgyrlykdan we hyjuwlardan saplanmagyň ýollary görkezilen. Bu filosofiýa laýyklykda adam öz şahsy hyjuwlaryndan näçe erkin boldugyça, şonça-da ol kämildir we ahlaklydyr. Gadymy hindi filosofiýasynda «biz nireden gelip çykdyk?», «Biz nirä barýarys?», «Biz nirede ýaşaýarys?» ýaly soraglara jogaplar gözlenilýärdi.

Hytaý filosofiýasy hem, adam baradaky gaýtalanmaz taglymy döredýär. Onuň has görnükli wekili Konfusiý bolupdyr. Konfusian filosofiýanyň gözbaşynda tebigatyň we adamyň ösüşini şertlendirýän ýokary maddy we ruhy güýç — admynyň özüdir. Konfusiý şahsyýetiň ruhy özüni alyp barşynda ünsi jemleýär we ol hemme ýerde ahlak kanunyna (dao) laýyklykda hereketlenmelidigini we bütin ömrüniň dowamynda öz sypatlaryny (esasy sypaty ynsanperwerlik) kämilleşdirmelidigini görkezýär. Konfusiýniň okuwçysy Szygun özüniň «Pikir ýöretmeler we söhbetdeşlikler» kitabynda şeýle ýazýar: «Beýlekileriň maňa etmegini islemeýän zatlaryny, men hem beýlekilere etmezligi isleýärin». Şeýle görnüşde kemala getirilen ahlagyň «altyn kadasy» adamzat barlygynyň dürli taraplaryna degişlidi. Berlen kadanyň logikasy — her bir hökümdar, daýhan, ogul ýa-da ata kämilleşmegiň ýoly boýunça ýöremeli: «Özüni ahlak taýdan kämilleşdirmek bilen adam beýlekilere nusga bolýar we hut şeýle aýdyň däl usul bilen beýlekilere täsir edýär» [2, s.118].

Adam baradaky garaýyşlaryň ösüşinde gadymy grek filosofiýasy hem ähmiýetli rol oýnaýar. Bu filosofiýa günbatar Ýewropa filosofiýasynyň däpleriniň özenini döredip, ilkinji bolup, adamzat filosofiýasyny aýratyn ulgamlaşdyrylan we kämilleşdirilen, gös-göni ylmy bilim bilen özara gatnaşýan derejä çenli ösdürýär. Gadymy grek filosofiýanyň adam baradaky döreden esasy garaýşy Sokratyň ady bilen baglanyşykly. Adamzat meselesi dogrusynda aýdanymyzda bolsa, gadymy grek filosofyny, ilkinji nobatda, ahlak, mertebe, at-abraý we beýleki ahlak sypatlar gyzyklandyrýardy. Özüniň «Men bilýärin hiç zat bilmeýänimi» we «Öz-özüňe akyl ýetir» diýen şygarlary bilen meşhur bolan Sokratyň pikiriçe, filosofiýada adamdan gyzykly obýekt ýok, adam ýerdäki medeniýetiň döredijisi we älemiň intellektual merkezi hasaplanylýar. Sokrat jemgyýetçilik pikiriniň taryhynda ilkinji bolup etiki rasionalizmiň ýörelgelerini esaslandyrýar: «Men päk ahlaklylyga edermenlikden, paýhaslylykdan, adalatlylykdan başga-da ähli şuňa meňzeş bolan zatlary goşýaryn» [3, s. 18]. Bu pikire laýyklykda, rowaçlyga we adamkärçilige düşünýän her bir indiwid nädogry hereketlere, adalatsyz we mynasyp däl özüni alyp barşa ýol berip bilmeýär.

Aristoteliň antropologik konsepsiýasynda adam jemgyýetçilik, syýasy jandar hökmünde kesgitlenilýär. Şahsyýetiň umumy konsepsiýasynyň ýoklugyna garamazdan, gadymy grek alymy adamzadyň tebigatyna üns berýär. Bir tarapdan, şahsyýet — tebigy barlyga goşulan jandar, şonuň üçin ol tebigy hadysalara laýyklykda ýaşaýar. Başga tarapdan, adam paýhasly ruha eýe, ol jemgyýetiň düzüm bölegi bolup durýar, pikirlenmä we özüni alyp barşyň eýýäm taýýar nusgalaryna, metaformalaryna eýe, ýagny terbiýä we okadylyşa tabyn bolýar [4, s. 441].

Umuman, gadymy grek filosofiýasy ondan soňra döräն filosofik ulgamlara, şol sanda adamyň filosofiýasyna ähmiýetli derejede täsir etdi we bu ugurda Günbatar Ýewropa däplerine başlangyç berdi.

Antik filosofiýasyndan tapawutlylykda orta asyr Ýewropada şahsyýet Hudaýyň kesgitlän dünýäsiniň düzgünleriniň bölegi bolup durýar. Adamzat tebigatynyň dualizmi indiwidiň paradoksal bitewiliginde tebigy-beden, dini-ruhy antogonizmi (gapma-garşylygy) görnüşinde düşündirilýär. Hyjuwlaryň we beden isleglerniň mekany bolup durýan azgyn beden ahlaksyzlygyň çeşmesi hasaplanylýar, şonuň üçin adam şeýtanyň işlerinden gaçyp, mukaddes hakykatyň ýagtysyna ymtylýar, bu hem gös-göni onuň häsiýetinden gelip çykýar.

Orta asyr Ýewropa filosofiýasynyň görnükli wekili Foma Akwinskiý bedeniň we ruhuň bitewülik ýörelgesine daýanýan, adam baradaky hristian taglymaty esaslandyrmak üçin Aristoteliň filosofiýasyny ulanýar we adamy haýwanlar bilen melekleriň arasyndaky aralyk jandar hasaplaýar.

Nemes nusgawy filosofiýasynyň wekilleri adam meselesiniň çözgüdine dürlüçe çemeleşýärler. Muňa garamazdan, indiwide paýhasly we işjeň hereket edýän jandar hökmünde düşünmeklik olaryň umumylygyny düzýär. Hut adam derňewiň esasy dersi hökmünde ykrar edilýär. Filosof «Antropologiýa pragmatik nukdaýnazardan» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Adam üçin mekdep bolup hyzmat edýän medeniýetdäki ähli üstünlikler özleşdirilen bilimleri we endikleri durmuşda ulanmaklygy maksat edinýär. Ýöne berlen bilimleriň ulanylyp bilinjek ýeri, dünýädäki iň wajyp predmet — bu adamdyr, sebäbi ol özi üçin iň soňky maksat» [5, s. 351]. Onuň medeni-filosofik antropologiýasynda bedeniň we ruhuň dihotomiýasy tebigatyň we ahlagyň dualizmine çalşyrylýar. Bir tarapdan, adam tebigat bilen şertlenen, başga tarapdan — ol ahlak erkinligine we absolýut gymmatlyklara degişli.

Peýdalanylan edebiýatlar:

1. Конфуций. Беседы и суждения. Попов П.С. , переводчик. Москва: АСТ, 2016.

2. Гусейнов А.А. Золотое правило нравственности. Москва: молодая гвардия, 1988.

3. Платон. Диалоги. Лосев А.Ф., составитель; Шейнман-Топштейн С.Я., переводчик. Москва: Мысль, 1986.

4. Аристотель. Сочинения. Том 2. Микеладзе З.Н., редактор. Москва: Мысль, 1978.

5. Кант И. Сочинения. Том 6. Асмус В.Ф., Гулыга А.В., Ойзерман Т.И. редакторы. Москва: Мысль, 1966.

**Begenç MÄMMEDOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

# Şanly ýyldan serpaýly

***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik toplumynyň wekillerini Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly hem-de «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik nyşany bilen sylaglamak dabarasy geçirildi. Döwlet sylagyna eýe bolanlaryň arasynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň hem bolmagy guwandyryjydyr.***

**Mähri PERDELIÝEWA,**
**arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty:**



— Ynsan ömründe şeýle bir pursatlar bolýar, olar bagt bagyşlaýandygy üçin ýüreklere baky ýazylýar. Şol ajaýyp pursatlara hem biz hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen mynasyp bolýarys. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda bilim ulgamynyň işgärleri üçin döredilýän mümkinçilikler bizi döredijilikli işlemäge, Watanymyzyň bedew batly ösüşine mynasyp goşandymyzy goşmaga höweslendirýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň dünýä derejesinde giňden bellenilmegi halkymyzyň agzybirliginiň we döwletimiziň belent halkara abraýynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen Bitaraplygymyzyň esasy kadalaryndan hem-de maksatlaryndan ugur alnyp, ýurdumyzyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlandyrylýar. Taryh üçin 30 ýyl uzak möhlet bolmasa-da, ol ýurdumyz üçin asyrlara barabar ösüşleriň, parahatçylygyň, abadançylygyň dabaralanýan döwri boldy. Türkmenistanyň Bitaraplygy — bu diňe bir halkara hukuk derejesi bolman, eýsem, halkymyzyň gadymyýetden gelýän hoşniýetli goňşuçylyk, ynsanperwerlik we parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleriniň dabaralanmasydyr.

Bagtyýar günlerde ýurdumyzyň okgunly ösüşlerine mynasyp goşant goşan raýatlaryň hormatly Prezidentimiziň Permany esasynda döwlet sylaglary bilen sylaglanylmagy il-ulusumyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. Maňa-da şeýle toýly günlerde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly we ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglanmak bagty miýesser etdi. Çekýän zähmetiňe ýokary baha berilmegi, Watanymyzyň ösüşine öz mynasyp goşandyňy goşmaga, has ýhlasly zähmet çekmäge, döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby halkymyza gymmatly baýramçylyk sowgady boldy. Hormatly Prezidentimiziň bu täze kitaby biz bilim işgärleri üçin okuw-terbiýeçilik, ylmy-barlag işlerimizde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatynyň filosofiýasyna çuňňur düşünmekde, türkmen Bitaraplygynyň taryhy köklerini, halkymyzyň ajaýyp ynsanperwer häsiýetlerini açyp görkezýän gymmatly çeşme bolup, ýan kitabymyza öwrüldi.

Bizi şeýle bagtyýar durmuşda ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri üstünliklere beslensin!

**Rahym SAPARMYRADOW,**
**zoologiýa kafedrasynyň mugallymy:**

— Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda üstünliklere beslenýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri — bu diňe bir taryhy ösüşiň tapgyry däl, eýsem, türkmen halkynyň ýüreginde ýaşaýan, gündelik durmuşynda aýdyň duýulýan bagtyýarlyk ýoludyr. Bu ajaýyp döwürde ýaşamak – ykbalyň peşgeşi, gün-günden ýzly-ýzyna sepleşip gelýän şanly wakalaryň ähmiýetini wagyz etmek bolsa, ruhy güýç hem-de ylham berýär. Şol ylhamy joşdurýan gymmatlyklar bolsa, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent maksatly işleri hem-de gyzyla gaplaýmaly taglymlardan, ylmy garaýyşlardan ybarat kitaplarydyr.



Bu bagtyýar döwürde günler günlerden, ýyllar ýyllardan zyýada gelýär. Günüň her bir säherinde ýüreklerde ynam güýçlenýär, sebäbi günler geçdigiçe durmuşda gazanylan tejribe adamy has paýhasly, has sabyrly edýär. Geçmiş — sapak, şu gün — mümkinçilik, ertir bolsa belent maksat we arzuw hökmünde öňümizde durýar. Bu aýdyň maksatly ýoluň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň her bir güni ösüşiň, ynamyň we ertire bolan uly umytlaryň şuglasy bilen nurlandy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly adamzadyň taryhynda aýratyn many-mazmuna eýe bolan döwür hökmünde ýatda galar. Bu ýyl diňe bir senenamanyň sahypasynda bellenen sene däl, eýsem, dünýä halklarynyň arasynda özara düşünişmegiň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň täze sahypasyny açan taryhy tapgyr boldy. Bu ýylda bolup geçen syýasy wakalaryň esasy aýratynlygy — güýç bilen däl-de, dialog arkaly meseleleri çözmäge bolan ymtylyşdyr. Ýurdumyzda geçirilen halkara forumlar, maslahatlar we duşuşyklar dünýä syýasatynda ynanyşmagyň möhüm orun eýeleýändigini aýdyň görkezdi.

Taryhy ähmiýetli wakalara baý bolan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Şa serpaýyny «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyna we ýadygärlik kümüş nyşanyna mynasyp görendigi üçin hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýaryn! Mundan beýläk-de ýhlasymy, zehinimi gaýgyrman, has-da öňeýli işläp, ýurdumyzda amala aşyrylýan, uzak geljegi nazarlaýan maksatnamalary ýerine ýetirmäge, Watanymyzyň ösüşlerini, gazanýan üstünliklerimizi giňden wagyz etmäge goşant goşjakdygyma Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy tüýs ýürekden ynandyrýaryn!

**Begençmuhammet MUHAMMETSÄHEDOW,**
**algebra we ähtimallyklar nazaryýeti kafedrasynyň mugallymy,**
**ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy:**

— 2025-nji ýyl ýurdumyzyň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak ähmiýetli wakalara baý, düşümli ýyllaryň biri boldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda baky Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň dünýä derejesinde giňden bellenilmegi halkymyzyň agzybirliginiň we döwletimiziň belent halkara abraýynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.



Bütin dünýäde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen, uly üstünliklere, taryhy wakalara beslenen 2025-nji ýyl tamamlanyp barýar. Şeýle bagtyýar günlerde ýurdumyzyň okgunly ösüşlerine mynasyp goşant goşan raýatlaryň döwlet sylaglary bilen sylaglanylmagy il-ulusumyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli, men hem «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik nyşanyna mynasyp boldum. Bitaraplyk biziň hoşniýetli ýörelgämizdir, dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklarymyzyň mizemez köprüsidir. Onuň şanly toýy toýlanylýan ýylynda gowşurylan sylag meni geljekde-de has ýhlasly, jogapkärli zähmet çekmäge ruhlandyrýar.

Ýaşlary Watanyň daýanjy hasaplaýan hormatly Prezidentimize Şa serpaýy bilen sylaglandygy üçin tüýs ýüregimden hoşallyk bildirýärin. Bu türkmen ýaşlaryna bildirilýän belent ynamdyr, has uly jogapkärçilikdir, täze-täze eserleri döretmekde ylham joşgunydyr.

Watanymyzyň ähli ugurlarda sazlaşykly ösmegi, döwletimiziň halkara abraýynyň barha ýokarlanmagy, halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy, tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygyň we abadançylygyň berkarar bolmagy ugrunda taýsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**«Türkmen uniwersiteti».**

# BAGTYÝAR DÖWRÜŇ WASPNAMASY

* Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly — adamzadyň ýüreginde uzak asyrlaryň arzuwy bolup ýatan hoşniýetliligiň ýaňadandan ösüşe başlan döwri.



* Bu ýyl milletiň ýüzünde ýylgyryşyň, ýüreginde ynamyň, göwünlerde arzuwlaryň nurlanyp duran ruhy baýramyna öwrüldi. Parahatçylyk ýyly dünýäniň ähli halklaryny goýnunda jemläp, olara asudalygyň we ynanyşmagyň mukaddes gymmatlykdygyny görkezdi.

* Bu ýylyň her deminde dünýä halklarynyň arasynda dostlugy güýçlendirýän mähir sapaly çeşme ýaly joş urdy.

* Parahatçylyk ýyly dünýä derejesinde agzybirligiň, ynsanperwerligiň, birek-birege hormatyň gadymy köklerini täzeden gülleden ýyl boldy.

* Ynanyşmagyň ýyly geljegiň reňklerini hasda ýagtylandyryp, her adamyň kalbynda ýagşy niýetleriň ösüşine ýol açdy.

* Halklaryň arasynda asudalygyň, jebisligiň we hyzmatdaşlygyň köprüsini berkiden bu ýyl, adamzat üçin täze bir ruhy başlangyçdyr.

* Ynanyşmagyň ýyly her bir ynsanyň öz içindäki ýagşylyga ýüz tutup, kalbynyň köşgi bilen dünýäniň arassa nuruny birleşdirýän pursatdyr.

* Parahatçylyk ýylynyň her gününde ynsanperwerlik tohumy toprak tapyp, dünýäniň dört tarapyndan gögerip çykdy.

* Bu ýyl beýik adamzat maşgalasyny bir saçagyň başyna jemläp, bir kalp bilen gürlemäge we bir beýik maksada gulluk etmäge çagyrdy.

* Parahatçylyk ýylynyň her säheri milletleri biri-birine ýakynlaşdyrýan mähirden dokalan täze başlangyçdyr.



* Bu mukaddes ýyl ähli adamzada döwranly geljegiň gapysyny açýan asuda sabanyň şemaly ýaly ruhy güýç berdi.

**Uzuk GURBANDURDYÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# Durmuş syýasaty — abadan ýaşaýşyň kepili hökmünde

***Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýola goýan durmuş syýasatyna degişli işleri, bu gün Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen uly rowaçlyklara beslenýär. Amala aşyrylýan özgertmeleriň özeninde raýatlaryň mynasyp ýaşaýşyny, abadançylygyny üpjün etmek ýörelgesi durýar.***

2025-nji ýylyň 29-njy martynda Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat geçirildi. Bellenilişi ýaly, ösüp gelýän ýaş nesil baradaky alada Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, bu çäre halkara jemgyýetçiligi ynsanperwer gymmatlyklaryň daşynda birleşdirmek babatda möhüm ädim boldy.

2025-nji ýylyň 9-njy dekabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň açylyş dabarasy boldy. Bu waka Türkmenistanyň ýokary ynsanperwerlik ýörelgelerine we ösüp barýan ýaş nesliň abadançylygy baradaky alada üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň güwäsine öwrüldi. Gaznanyň şahamçasynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda açylmagy aýratyn many-mazmuna eýedir. Jana şypaly howasy we ösen infrastrukturasy bilen meşhur bu sebit häzirki wagtda diňe bir şypahana zolagy bolman, eýsem, çagalar üçin sagaldyş-dikeldiş merkezine hem öwrülýär.

Häzir ýurdumyzda hossarlyga we bejergä mätäç ýaşajyk raýatlar hakynda edilýän aýratyn aladalar hem-de tagallalar Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň işi bilen aýrylmaz baglydyr. Çagalar bilen bagly haýyr-sahawat işleriniň durmuş maksatly syýasatyň möhüm ugruna öwrülmeginde biz şol belent ahlak jogapkärçiligini we ynsanlyk borjuny görýäris. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiz tarapyndan çagalaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi üçin döredilýän şertler sagdyn nesliň kemala gelmegine mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen 2023-2024-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda bakalawr maksatnamasy boýunça durmuş işi hünäriniň açylmagy ýaşlaryň dürli hünärleri ele almagyna uly mümkinçilikleriň döredilýändiginiň ýene bir mysalydyr. «Durmuş işi» hünärini okatmagyň baş maksady Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuş işi baradaky pikirleriň özboluşly aýratynlyklaryny türkmen ýaşlarynyň içgin öwrenmeklerini ýola goýmak bilen, ýaşlara dünýä jemgyýetçiliginiň häzirki şertlerinde adamzat ösüşiniň durmuş meselelerini, döwletiň ykdysady ösüşini hil taýdan täze derejä çykarmak, durmuş syýasatyna degişli düzümleriň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ähli ugurlarda sanlylaşdyrylan ulgamlary ornaşdyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmak ýaly meseleleri öwretmekden hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň durmuş işine işjeň gatnaşmaga, özleriniň mynasyp orunlaryny tapyp ukyply şahsyýetler bolup ýetişmeklerine ýardam etmekden ybaratdyr.



Durmuş syýasaty we ilatyň durmuş goraglylygy taglymatlary durmuş ugurly ykdysadyýet we adam aňy bilen berk baglanyşyklydyr. Durmuş syýasaty — bu döwletiň alyp barýan içerki syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Onuň maksady ýurduň ilatynyň esasy isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur şertleri döretmekden, jemgyýetde durmuş abadançylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Ilatyň durmuş goraglylygy — bu Türkmenistanda ilaty durmuş taýdan goramak zähmete ukypsyz adamlara, maýyplygy bolan adamlara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň tölenilmegi hem-de durmuş ýeňillikleriniň berilmegi görnüşinde maddy üpjünçilik we durmuş hyzmatlaryny edilmegi boýunça döwlet ulgamyndan ybaratdyr.

Türkmen döwletiniň durmuş syýasatynyň we ýaşlaryň durmuş goraglylygynyň özeninde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesi durýar. Bu ýörelge täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr!, Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgesiniň hem taglymat esasy bolup çykyş edýär. Bu bolsa adamlaryň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmek we olaryň uly ynamyna mynasyp bolmak ýörelgesidir. Türkmen döwletiniň öňe sürýän durmuş syýasaty raýatlaryň bähbitlerine we gündelik durmuşdaky isleglerini kanagatlandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini dowamly ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Şu mynasybetli 2023-nji we 2024-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň ÝUNISEF-iň Özbegistandaky, Moldowadaky, Gruziýadaky wekilleriniň Türkmenistana iş saparlarynyň çäklerinde, ÝUNISEF-iň Aşgabatdaky durmuş syýasaty boýunça hünärmenleriniň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlarynyň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň işgärleriniň we talyp ýaşlaryň gatnaşmagynda okuw-maslahat sapaklary geçirildi.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» 9 —16-njy fewraly we 2 — 4-nji sentýabr aralygynda Gruziýanyň Tbilisi döwlet uniwersitetiniň dosenti, durmuş işi boýunça bakalawr maksatnamasynyň ýolbaşçysy doktor Salome Namiçeişwiliniň Türkmenistana iş saparynyň çäklerinde «Durmuş işiniň usullary — durmuş işiniň usullaryny okatmakda innowasion çemeleşmeler» temasy boýunça okatmagyň usullary babatda umumy we söhbet sapaklary geçirildi. Sapaklaryň dowamynda «Durmuş işiniň zerurlygy», «Kompetentlilik diýmek näme?» bu adalgany durmuş işinde ulanmagyň ähmiýeti we häsiýetli aýratynlyklary, «subutnamalara esaslanýan usullar», «mikro, mezo, makro, ekzo ýaly gurşawlarda durmuş işine degişli usullaryň ulanylyşy», «sanly ulgam usuly», «meselelere gönükdirilen usullar», «toparlaýyn iş alyp barmagyň usullary» ýaly degişli meseleler boýunça işler alnyp baryldy. Durmuş işi boýunça hünärmenleriň öňünde durýan wezipeler, bu derse degişli ulanylýan halkara adalgalar, daşary ýurt alymlarynyň pikir-garaýyşlary barada beýan edildi.

Durmuş işi boýunça rus hünärmeni Kseniýa Bogamazowanyň alyp barmagynda 2025-nji ýylyň 12-nji martynda, 17-nji aprelinde, 5-nji maýynda sanly wideoaragatnaşyk arkaly okuw sapagy alnyp baryldy we 25 — 29-njy sentýabry aralygynda Kseniýa Bogamazowa Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde myhmançylykda bolup, onuň gatnaşmagynda okuw-usuly sapagy geçirildi. Onda durmuş işi boýunça iş maksatnamalary taýýarlamak, durmuş işi boýunça bilermenleri we hünärmenleri ýetişdirmek, durmuş işiniň esaslary, ähmiýeti we oýlanyşykly çekişme, durmuş işi we maýyplyk — amaly başarnyklar, etika, öz içine alýan strategiýalar, durmuş işi we maýyplykda — durmuş işgärleriniň orny, syýasy çäkler we öňdebaryjy tejribeler, durmuş işini guramak we tejribelikleri geçmek bilen bagly işler barada pikir alyşmalar geçirildi.

**Döwlet BAÝMYRADOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy,**
**syýasy ylymlaryň kandidaty.**

**Selbi ATAÝEWA,**
**psihologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.**

# USSAT HALYPA

*Size gürrüň bersem Dünýäň kitabyn,*
*Menem-ä biriçe okaýan ýaly,*
*Emma damja eken, ähli okanym,*
*Okaman galanym okean ýaly.*

**Mäti KÖSÄÝEW.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ylym milli umumadamzat bähbitli belent maksatlarymyzy durmuşa geçirmegiň ýolunda berk binýat bolup hyzmat edýär» diýen paýhasly jümlelerinden ugur alyp, ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmekde köpugurly işler alnyp barylýar.

Şeýle ylymlaryň biri hem türkmen edebiýatynyň bir ugry bolan halk döredijiligidir. Her halkyň öz halk döredijiligi öz ýüzüniň tuwagydyr. Halk döredijiligi, has takygy, türkmen halk döredijiligi öz gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýar. Türkmen halk döredijiligi bilen edebiýaty aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Türkmen edebiýatyny öwrenmekde janaýamasyz zähmet çeken alymlarymyz bolmadyk bolsa, halkymyzyň akyl paýhasyndan dörän ertekiler, sanawaçlar, aýdymlar, monjugatdylar, läleler, degişmeler hem ýomaklar ýaly birnäçe halk döredijiliginiň görnüşleri biziň günlerimize çenli ýetmezdi. Türkmen halkynyň hakyky durmuşyny, onuň däp-dessurlaryny, sungata bolan söýgüsini, durmuşyň her pursadynda eline dutar alyp, saz çalandygyny, aýdym aýdandygyny «Şükür bagşy», «Japbaklar», «Uzakdaky gelinlik», «Ýandym», «Magtymguly», «Mukamyň syry» ýaly türkmen kinofilmlerinde görmek bolýar. Sebäbi türkmen sazlary öz gözbaşyny türkmen halkynyň dörän gününden alyp gaýdýar. Söweş wagtlarynda gahrymanlar öz durmuşlaryna söz hem saz bilen ýüzlenipdirler. Muny «Görogly» şadessanyny okanyňda aýdyň duýmak bolar.

Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda ylmy işleri bilen ýz galdyran alym, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi, Türkmenistanyň ylymda at gazanan işgäri, edebiýatçy, ussat mugallym, ýazyjy, şahyr, professor Mäti Kösäýewdir. Ol türkmen edebiýatynyň hem halk döredijiliginiň biziň günlerimize ýetmegi üçin ummasyz goşandyny goşdy. Bu barada B.Kerbabaýew: «Halk döredijiliginiň bir ýerde janly göwresi bar bolsa, şony öz dostumyz Mäti Kösäýewmikä öýdýän» diýip, alymy ýagşylykda ýatlanynda aýdypdyr.



Halypa alym durmuş, döredijilik ýolunyň ýeňil bolmandygyna garamazdan, dyngysyz zähmeti bilen köpleriň söýgüsine hem-de hormatyna mynasyp boldy. Ol türkmen halk döredijiliginiň ençeme eserlerini toplap, çapa taýýarlan, olaryň okyjylara ýetmegini, ylmy taýdan öwrenilmegini gazanan alymdyr. «Gorkut ata», «Görogly» ýaly şadessanlaryň, «Şasenem-Garyp», «Ýusup-Ahmet», «Asly-Kerem», «Warka-Gülşa» ýaly dessanlaryň okyjylara ýetmeginde Mäti Kösäýewiň çäksiz hyzmaty bar.

Medeni mirasymyzy toplamakda, ullakan iş bitiren edebiýatçy, alym Mäti Kösäýewiň işleri türkmen halkynyň halk döredijilik eserlerini, edebiýatyny düýpli öwrenmekde ähmiýetli gollanmadyr.

**Ogulnabat MOMMADOWA,**
**rus dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# DURMUŞ BIR KITAP ÝALYDYR, HER ÝYL — TÄZE SAHYPASY. 2026

## Düşümli bolsun!

Al-asmanda ýalkym saçsyn,
Arkadag ýyldyzy bagtyň.
Agzybir, asuda ilim,
Täze ýyl düşümli bolsun!

Goý, ýaňlansyn şirin mukam,
Dostlugy wasp edýär sedam,
Üstünlikli ýollar dowam,
Täze ýyl düşümli bolsun!

Arzuwlar wysala gowşup,
Her ojaga saglyk bersin.
Ýeňişlere ýaran edip,
Täze ýyl düşümli gelsin!

Ýurdumyzda ak ganatly,
Bagt guşy saýraýar batly,
Barýas öňe bedew batly,
Täze ýyl düşümli bolsun!

**Güljahan SAPAROWA,**
**zoologiýa kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

## Şowly ýyl bolsun!

Bagt paýlap her bir öýe, ojaga,
Täze ýyl düşümli, şowly ýyl bolsun!
Kalba — mähir, perzent bersin gujaga,
Täze ýyl düşümli, şowly ýyl bolsun!

Adamlaryň meňzi mydam ýylgyrsyn,
Ýagşylyk köpelsin, sogap agralsyn,
Ýurdumda şat gülki, aýdym ýaňlansyn,
Täze ýyl düşümli, şowly ýyl bolsun!

Yzda goýup öýke bilen kinäni,
Şatlanyp geçiriň her bir senäni!
Perzent begendirsin ata-enäni,
Täze ýyl düşümli, şowly ýyl bolsun!



Päk maksat tutanlar myrada ýetsin,
Dertli şypa tapyp, sagalsyn gitsin,
Hemmeler iň gowy arzuwlar etsin,
Täze ýyl düşümli, şowly ýyl bolsun!

**Medet MEDEDOW,**
**taryh fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.**



## Hoş geldiň, Täze ýyl!



Şatlyk paýlap nurdan doly ýüzlere
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!
Sebäp bolup päk niýet, päk sözlere,
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

Parahatlyk — arzuwlaryň ilkisi,
Egsilmesin çagalaryň gülküsi.
Süýji arzuw bilen gutlap herkesi
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

Mähir-muhabbete ýugrulsyn günler,
Undulsyn öýkeler, öýkeli düýnler,
Ynjamasyn asla näzik göwünler,
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

Garşylaýas giňden açyp gujagy,
Türkmenimiň naz-nygmatly saçagy,
Goý, bolsun ýyllaryň has-da ajaby,
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

Söýüp Watanymyň düzün hem dagyn,
Söýüp Watanymyň ýagyşyn, garyn,
Ýurt başynda Arkadagly Serdarym,
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

Ýyl düşümli gelsin rysgaly bilen,
Ak ertiri bilen, ak daňy bilen,
Halkyň Arkadagly Serdary bilen,
Hoş geldiň, Täze ýyl, eziz ülkäme!

**Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,**
**roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

## Täze ýyl arzuwlary

Müýnsüz, çirksiz göni bakyň gözlere,
Bu ömüri peşgeş beriň gözlege,
Ýürekleň töründen çykýan sözlere,
Şekerdir-şerbetler gatylýan bolsun.

Ynsan joşgunyny dünýä ýaýmasa,
Ýylgyrarmy, özün bagtly saýmasa.
Ilk-ä satylmasyn, satylaýsa-da,
Akyl gymmat baha satylýan bolsun!

Ýaşap ýörüs dura-bara dünýäde,
Ýarysy ak, ýary gara dünýäde,
Öňem ýagyrnysy ýara dünýäde,
Ownujak hatalar ötülýän bolsun!

Gyş bolsun, güýz bolsun, tomus hem bahar,
Kentler abat bolsun, asuda şäher.
Parahat öýlerden örüp her säher
Gijeler rahat ýatylýan bolsun!

Şu Watan, şu toprak, adamlar meňki,
Ömrüňize siňsin gülleriň reňki.
Arzuwlara ýetmek kyndyram, belki,
Ýöne ahyrynda ýetilýän bolsun!

**Ilmyrat BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**



## Täsin Aýazbaba

Begenişip, ylgaşýarlar çagalar,
«Eje, eje, seret, hatymyz ýok-la».
Ýürek arzuwymy bellän kagyzym,
Aýazbabaň eline düşerli bor-la.

Ejesem olary bagryna basyp,
Çagalaň şatlygna şatlygy goşdy.
«Hawa, balalarym, tüsse çykardan
Girip Aýazbaba hatyňyz aldy».

Soňra bolsa garagolja çagalar,
Oýa batyp, täsin pikir ederdi.
Nädip Aýazbaba döwmän girdi-kä,
Şol darajyk, kiçi tüsseçykary?

Ondan bäri ýyllar geçdi aýlanyp,
Hat ýazmagam ýuwaş-ýuwaş unuduldy.
Sebäp, hatymyzy alýan adamyň,
Ahyrsoňy kakamdygy bilindi.

**Ogulnabat GOÇÇYÝEWA,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**





## Gel sen, Täze ýyl

Şatlyga-şowhuna besläp Diýary,
Gel sen, Täze ýylmyz hyjuwdan doly,
Mydam belent bolsun, türkmen ykbaly,
Ilime joşgunly gel sen, Täze ýyl!

Gelip uzak ýoldan, garlardan aşyp,
Asmany bulutly, daglardan aşyp,
Gelýän Aýazbaba ülkäme aşyk,
Garpamygyň bilen gel sen, Täze ýyl!

Arçalar ak gardan görkün paýlaýar,
Ak şäherim nurun dünýä paýlaýar,
Ykbal gözellikden bizi saýlaýar,
Görke haýran edip gel sen, Täze ýyl!

Buýsançly başlary bagtyýar halkym,
Nurana ýüzlerden saçyp dur ýalkym,
Şowhuna utgaşyp galkyn sen, galkyn,
Ýurduma mähirden gül sen, Täze ýyl!

Arkadagly Serdara alkyşlar aýdyp,
Ak garyň sepeläp, gel sen, Täze ýyl.
Ylhamy hyjuwly, arzuwlary aýdyp,
Bagtyň gujagyna dol sen, Täze ýyl!

**Gülendam BABAÝEWA,**
**psihologiýa hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

# Ýyllar ýyllardan zyýada

## Täze ýylyň nyşany

Täze ýyl baýramçylygynda arçany bezemek däbi XV asyrda german halklarynda döräpdir. Olar ýylyň dört paslynda hem ýaşyl öwüsýän bagy bakylygyň we ýaşaýyşyň alamaty hasaplapdyrlar. Şemler, almalar, süýjülikler — täze ýyl arçasynyň



gadymy bezeg elementleri. Häzirki wagtda bolsa baýramçylyk arçalary dürli reňkdäki şarjagazlar, jäjejikler, yşyklandyryjylar bilen bezelýär. Dünýäniň ähli ýurdunda diýen ýaly täze ýyl arçalary dikilýär.

Ýer ýüzünde iň uly täze ýyl arçasy Italiýada guralýar. Ilaty bary-ýogy 30 müňe barabar Gubbio şäherçesindäki Ingino dagynyň ýapgydynda müňlerçe ýşyklandyryjylaryň kömegi bilen täze ýyl arçasynyň sudury döredilýär. Beýikligi 750 metre, ini 450 metre ýetýän arçany guramak däbi öz gözbaşyny 1981-nji ýyldan alyp gaýdýar. 1991-nji ýylda bolsa ol dünýäniň iň uly arçasy hökmünde Ginnesiň Bütindünýä Rekordlar kitabyna girizildi.

«Duglasyň daragty» diýlip atlandyrylan dünýäniň iň uly tebigy täze ýyl arçasy 1950-nji ýylda ABŞ-nyň Waşington ştatynyň Sietl şäheriniň «Northgate» (Demirgazyk derwezesi) söwda toplumynda guraldy. Onuň beýikligi 67,36 metre barabar bolupdyr.

Häzirki döwürde dürli sosial ulgamlarynda müňlerçe täze ýyl arçalaryny görmek mümkin. «Adamlar kimiň täze ýyl arçasy has owadan, has uly?!»



diýen ýaly soraglarda biri-birleri bilen bäsleşýärler. Emma niderland talyby Maura Willemsowa bu soraga başgaça çemeleşdi. Maura 2020-nji ýylda dünýäniň iň kiçi täze ýyl arçasyny döretdi. Bu arçanyň ululygy 4 nanometre deňdir. Deňeşdirme üçin: 4 nanometr saçymyzyň bir tarynyň ininden 75 müň esse kiçidir. Gowrümi beýle kiçi täze ýyl arçasyny diňe mikroskobyň kömegi bilen görüp bolýar.

Dünýäniň iň kiçi tebigy täze ýyl arçasy başgaça «Minima» ady bilen bellidir. Arçanyň bu görnüşi ýörite ýyladyşhanalarda ösdürilip ýetişdirilýär. Onuň boýy 20 — 30 santimetre deň bolýar. «Minima», esasan, Serbiýada ösdürilýär. Bu arçajygy, köplenç, tekjelerde ýa-da täze ýyl stolunda goýmak üçin satyn alýarlar.

Rio-de-Žaneýro şäheriniň baş täze ýyl arçasy dünýäniň iň täsin täze ýyl arçalarynyň biridir. Arçanyň üýtgeşik tarapy onuň derýada guralmagydyr. Bu täsin arçanyň boýy 85 metre deň bolup, ol dünýäde iň uly ýüzýän arça hökmünde Ginnesiň Bütindünýä Rekordlar kitabyna girizildi. Her ýyl onuň bezegi üçin milliondan gowrak ýşyklandyryjylar ulanylýar.

Diňe bir ABŞ-nyň däl, eýsem, dünýäniň iň meşhur arçasy Nýu-Ýork şä-



herinde ýerleşýär. Bu arçanyň ýşyklary 3-nji dekabrda ýakyldy. Onuň ýşyklarynyň ýakylyş dabarasyna müňlerçe ýerli ýaşaýjylar we syýahatçylar ýygnandy. Nýu-Ýork arçasynyň agramy 11 tonna, beýikligi 23 metrdir. Bezeg üçin 50 müňe golaý ýşyklandyryjylar we uzynlygy 8 kilometre deň bezeg simi ulanylandyr.

**Selbinýaz MAGSUDOWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**3-nji ýyl talyby.**

## Gyzykly maglumatlar

Täze ýyly garşy almagyň uzak taryhy ýoly bar. Taryhy maglumatlara salgylansak, bu ajaýyp baýramçylyk ilkinji gezek biziň eýýamymyzdan öňki III-IV müňýyllykda gadymy Mesopotamiýada bellenilip geçilipdir. Gadymy döwürlerde Täze ýylyň ýaz paslynyň ýa-da güýz paslynyň başynda bellenilip geçilendigi welin has täsin. Gadymy Rimde ruhanylar Täze ýyly 1-nji martda garşy alypdyr.

Wagtyň geçmegi bilen, Täze ýyly 1-nji ýanwarda garşy almaga girişilip başlanypdyr. Bu senede garşy almak düzgünini bolsa, ilkinji bolup, Ýuliý Sezar senenama girizipdir.

***

1492-nji ýyla çenli Täze ýyl Russiýada mart aýynda garşy alnypdyr we şol ýyl bu däp sentýabr aýyna geçirilipdir. Emma Pýotr I öz döwründe, 1700-nji ýylda 1-nji ýanwarda bellemek barada karar çykarypdyr.

***

Dünýädäki ilkinji arça agajy XVII asyryň başynda döräpdir. Elzas şäherinde arça we sosna agaçlary reňkli kagyz gülleri, alma, köke we gant bilen bezelipdir. Arça bezegleri üçin dürli reňkli öwüşgün saçýan çyrajyklar 1895-nji ýylda Amerikada oýlanyp tapyldy.

***

Käbir ýurtlarda adamlar Täze ýyl baýramçylygynyň öň ýanynda iň gowy arzuwlaryny kagyza ýazýarlar. Sagat 00:00-da jaň kakylanda, kagyz ýakylýar. Kagyz jaň kakylyp gutarýança ýanyp gutarsa, arzuwynyň hasyl boljakdygyna ynanýarlar.

***

Germaniýada «Santa Klaus» diýlip atlandyrylýan Aýazbaba çagalara sowgady penjiräniň tekjesinde goýup gidýär. Şwesiýada bolsa ol çagalar üçin niýetlenen sowgady öýüň içindäki pejiň içinde goýup gidýär.

***

Afrika ýurtlarynyň köpüsinde gyş ýok. Şonuň üçin olar Aýazbabany «Kambodjada» diýip atlandyrýarlar, bu bolsa «gyzgynbaba» diýen manyny berýär.

**Taýýarlan Döwletgeldi HOJAMEDOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň**
**4-nji ýyl talyby.**



## Aýazbaba hakykatdan hem barmy?

***Aslynda, Aýazbaba barmyka? Elbetde, bu sowala oýlanmazdan «Hawa» diýip jogap berip bileris. Aýazbaba ýokdur diýýän, onuň hakykatdanam bardygyna ynanmaýanlar üçin gyş paslynyň jadygöýiniň erteki däldigini tassyklaýan käbir subutnamalary ýetirýäris.***

***1-nji subutnama.*** 2018-nji ýylda Welikoustýugskiý etrabynyň häkimi Aleksandr Aýazbaba Russiýa Federasiýasynyň raýatlygynyň pasportuny gowşurdy. Şeýle resmi we möhüm resminamanyň islendik bir adama berlip bilinjekdigi şübheli ýagdaýdyr. Aýazbaba Welikoustýugskiý etrabynyň Morozowisa obasynda dünýä indi hem-de şöhratly hemişelik ýaşaýan ýerinde hasaba alyndy.

***2-nji subutnama.*** Beýik Ustýugdaky muzeýde Russiýanyň Gahrymany, uçarman-kosmonawt Oleg Artemýewiň haty saklanylýar. Hatyň daşynda onuň orbitanyň daşyndan Ýere ýazylandygyny tassyklaýan ştamp hem bar. Kosmonawtlar — her bir zada çynlakaý çemeleşýän, ygtybarly adamlar, olaryň hakykatda bolmadyk jadygöýe hat ýazjak gümany ýok.

***3-nji subutnama.*** Her ýylda Aýazbabanyň poçtasyna Beýik Ustýuga 200 müň hat gelip gowuşýar diýip, ao-dedmoroz.ru saýty habar berýär. Geňirgendirýän ýeri, bu hatlaryň 30%-iniň uly adamlar tarapyndan iberilýändigidir. Netijede, hatda uly adamlar Aýazbaba diýip hat ýollaýan bolsalar, onda Aýazbabanyň bardygy bolmaýarmy eýsem?!






Здравствуйте, дорогой Дедушка Мороз!
Меня зовут Олег, пишу Вам от имени
и по поручению экипажа Международной
Космической Станции (МКС) в день расстыковки нашего корабля Союз ТМА-12М от
станции. Мы в Вас верим, никогда не забываем и желаем Вам всего самого доброго
и наилучшего, берегите своё здоровье и
Снегурочку! Спасибо большое, что не забываете наших детей и дарите им
радость и хорошее настроение!
Ждем на МКС от Вас весточки!
Большой привет Снегурочке и
до свидания! Ваш Олег Артемьев

ПОЧТА РОССИИ
15091411
ЗВЕЗДНЫЙ ГОРОДОК
141160 МОСК. ОБЛ.

***4-nji subutnama.*** 2019-njy ýylda Russiýa Federasiýasynyň banky Aýazbabanyň şekili ýerleşdirilen teňňeleri zikgeledi. Adatça, teňňelerde hem beýik şahsyýetleriň, keşişleriň hem-de prezidentleriň şekilleri ýerleşdirilýär. Ine, şunuň ýaly ýokary dereјeli baha Aýazbaba hem mynasyp görüldi.

**Akgözel ORAZMYRADOWA,**
**taryh fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.**

## Aýazbaba nirede ýaşaýar?

Maglumatlara salgylansak, Aýazbaba Laplandiýada ýaşapdyr diýlip hasap edilýär. Finlýandiýanyň Laplandiýa diýen ýerinde «Aýazbabanyň obasy» ýerleşýär. Bu ýer Täze ýyl baýramynyň esasy gahrymany Santa Klausyň Watany hasaplanylýar. Her ýylda oba müňlerçe adam syýahata gelýär. Aýazbaba Günbatar Ýewropa mifologiýasynda ýerasty baýlyklary gorap saklaýan mifiki adamlar bolan ýerli gnomlaryň nesli hasap edilýär. Emma munuň taryhy taýdan hakykata dogry gelýän-gelmeýändigi belli däl. Sebäbi bu barada dürli çaklamalar bar.

Köneden gelýän ýnanja görä, Russiýa Federasiýasynda Aýazbabanyň Watany Wologda oblastynyň Beýik Ustýug şäheridir. Bu ýerde gyşyň düşýän senesinde, ýagny 18-nji noýabrda Aýazbabanyň doglan güni bellenilýär. Sebäbi şol gün Laplandiýada gyş başlanýar.

Ýene bir maglumatda biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň ahyrynda ýaşan Nikolaý Mirskiý Gündogar Ýewropa halklarynyň arasynda çagalaryň howandary hasaplanypdyr. Ak sakgally goja ak atyň üstünde çagalara sowgat paýlapdyr. Soňlugy bilen keramatly şahsyýete deňe-



len bu gojanyň Nikolaý ady Germaniýada Nikalausa, Niderlandlarda Klaasa, Angliýada Klausa öwrülipdir. Wagtyň geçmegi bilen, Santa Klaus hyýaly gahrymana öwrülip, 25-nji dekabrda dünýä ýurtlarynyň ençemesinde bellenilýän Isa pygamberiň doglan gününde, ýagny «Christmas Day» gününde çagalara sowgat paýlapdyr.

**Taýýarlan Täzegül GELDIÝEWA,**
**türkmen dili we edebiýaty**
**fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.**

## Täze ýyl sowgady

«Täze ýyl diýlende, ilkinji bolup, näme ýadyňyza düşýär?» diýlip soralanda, elbetde, her kim dürlüçe jogap berer. Biri jäjekler bilen bezelen arça diýer, biri Aýazbaba, biri gar adam diýse, ýene biri ýylgyrypjyk, sowgat diýer. Hawa, hakykatdan hem, näme üçin adamlar Täze ýyl baýramynda sowgat alşyp berişýärler? Şular ýaly sowal sizde-de ýüze çykyp gördümi? Bu sowala jogap tapmak üçin biz birnäçe maglumatlara ser salmaly bolýarys. Häzirki wagtda Täze ýyl baýramyny sowgatsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Adamlar biri-birine sowgat bermegi şatlygyň, umydyň we täze başlangyçlaryň nyşany hökmünde kabul edýärler. Emma bu däp nireden geldi? Täze ýyl sowgatlaryny bermek däbi dünýäde ilkinji gezek haçan we nirede ýüze çykdy?



Taryhçylar Täze ýylda sowgat bermek däbiniň ilkinji ýüze çykan ýeri Gadymy Rim hasaplaýarlar. Milady ýyl hasabynyň 153-nji ýylynda Rim döwletinde möhüm karara gelnipdir, ýagny täze ýylyň başlanýan güni 1-nji ýanwar diýlip yglan edilipdir. Bu gün rimliler üçin diňe bir senä däl-de, eýsem, täze döwri, täze umytlary we täze mümkinçilikleri aňladýan aýratyn pursata öwrülipdir. Rimde täze ýyl sowgatlaryna «strenae» diýilýärdi. Bu söz Strenia atly bagt, saglyk we bereket Hudaýynyň ady bilen baglanyşykly bolupdyr. Rimliler täze ýylyň ilkinji gününde sowgat alsalar ýa-da berseler, adamlar täze ýylyň üstünlikli boljakdygyna ynanypdyrlar.

Gadymy Rimde ilkinji sowgatlar örän ýönekeý, emma many taýdan çuň bolupdyr. Olar mukaddes tokaýdan alnan şahalar, bal, injir, hurma ýaly süýji iýmitler, hozlar we miweler, soňky döwürler bolsa — teňňeler we ownuk gymmatly sowgatlary beripdirler. Bu sowgatlaryň gymmaty däl-de, nyşanlaýyn manysy möhüm hasaplanypdyr, ýagny süýji zatlar — süýji ýyly, teňňeler — baýlygy, şahalar bolsa saglygy we goragy aňladypdyr.

Dünýäde başga halklarda hem dürli baýramçylyk sowgatlary bolupdyr. Emma diňe Gadymy Rimde täze ýylyň takyk senesi 1-nji ýanwar hasaplanypdyr, şeýle-de olarda sowgat bermek her ýyl gaýtalanýan däbe öwrülipdir, sowgatlar bolsa gönümel täze ýylyň başlanmagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Şonuň üçin taryh ylmynda täze ýyl sowgatlarynyň ilkinji durnukly däbi Gadymy Rimde ýüze çykdy diýlip hasap edilýär. Bu däp bolsa dürli döwletlere, halklara ýaýrap, özüniň esasy manysyny ýitirmän gelýär.

Eziz watandaşlar, sizi Täze ýyl baýramy bilen gutlaýarys! Berjek sowgatlaryňyzyň sanynyň köp, aljaklaryňyzyň bolsa sanynyň ondan hem köp bolmagyny arzuw edýäris!

**Serwi HUDAÝGULYÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## Bedew batly ýyl

Halk senenamasyna görä, 2026-njy ýyl ýylky ýylydyr. Türkmen halky mydama täze ýyl has düşümli, rysgally, döwletli ýyl bolsun diýip, gowy-gowy arzuwlar edipdir. Täze ýylyň türkmen halkynyň milli buýsanjy ahalteke bedewiniň nyşany bolandygy üçin has-da simwoliki häsiýete eýedir. Ahalteke bedewleri Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da», «Gadamy batly bedew» ýaly kitaplarynda wasplary ýetirilýär. «Görogly» şadessanynda hem «Atdyr ýigidiň ýoldaşy» diýen setirler türkmen halkynyň bedewler bilen bir jan, bir tendigini görkezýär.

Gadym döwürlerden bäri hytaýlylaryň ýyl senenamasy boýunça dünýä meşhur täleýnamalar düzülipdir. Olar häzirki döwürde has-da meşhurdyr. Bu hytaý täleýnamalaryny dörediji Raýmond Lo hasaplanylýar. Biz şu ýerde hytaý danasy Raýmond Lonyň 2026-njy ýyl boýunça taýýarlan täleýnamasy barada gürrüň bermek isleýäris.

Hytaý metafizikasynda 2026-njy ýyl «alawly at ýyly» bolup, iň hereketli, wakalara baý ýyldyr. «Alawly at ýyly» özünde «ýa:n» oduň we «atyň» nyşanyny saklaýar. «Atyň» nyşany hem tebigaty boýunça «ot» diýlip hasaplanýar. Bu ýyl her 60 ýyldan bir gezek gaýtalanýar. Iň soňky «alawly at ýyly» 1966-njy ýyla gabat gelipdi. Şol ýyl dünýä taryhy wakalara baý ýyl bolupdy.

1966-njy ýylda ýylda ilkinji gezek «Luna-9» enjamy Aýyň üstüne, «Wenera-3» atly enjamy bolsa Wenera planetasynyň üstüne gondurylypdy. Şeýlelikde, şol ýyl adamlaryň ilkinji gezek başga planetlara baryp gören ýyly hökmünde hasaba alynypdy. Täleýnama görä, 2026-njy ýylda hem kosmos pudagynda beýik öňegidişliklere garaşylýar.

1966-njy ýylda Ýaponiýada çagalaryň dünýä inmegi 25 göterim pese düşdi. Bu olaryň täleýnama boýunça, «alawly atyň ýylynda» doguljak gyz çagalaryň ruhy taýdan öte güýçli dogulýarmyşyn diýen ynanjy bilen baglydyr.

Hytaý täleýnamasynda 2026-njy ýyl «ot içinde ot» ýyly bolup, onda döredijilik bilen meşgullanýanlara, öz durmuşynda bir zady üýtgedesi gelýänlere uly ýardam beriljek ýyl hasaplanýar.



Şeýle-de, Raýmond Lo Ýer ýüzünde ykdysady ösüşiň boljakdygyny aýratyn belläp geçýär. Söýgi babatda hem ýylan, takyk we sygyr ýylynda doglanlara şowlulygyň hemra boljakdygyny aýdýar. Hytaý metafizikasynda ýylky bilen syçan oňuşmaýarlar. Şol sebäpli hem syçan ýylynda doglan adamlara örän seresap bolmak maslahat berilýär. Ýylky haýal-ýagallygy halamaýar. Şonuň üçin ähli işlere ýaýdanyp durman, batyrlyk bilen başlamak, hereket etmek ündelýär. Täze başlangyçlarda üstünlikleriň hemra boljakdygy barada bellenilýär.

Goý, täze ýyl ählimiziň öýümize agzybirlik, rysgal, döwlet getirsin! 2026-njy ýyl bedew bady bilen ýurdumyzy has-da täze belentliklere ýetirjek ýyl bolsun!

**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## *«Arkadag» toparynyň nobatdaky ýeňşi*



24-nji dekabrda «Arkadag» topary «AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2» bäsleşiginde taryhy netije gazandy.

Aziýa yklymynyň abraýly bäsleşiginde çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary toparçalaýyn bäsleşigiň jemleýji, bäşinji tapgyrynyň çäginde geçirilen duşuşykda Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparyndan 1:0 hasabynda üstün çykyp, utulan-çykdy tapgyryna çykmagy başardy. Toparymyza ýeňiş getiren topy 45-nji minutda Ýazgylyç Gurbanow öz adyna ýazdyrdy. Geçen möwsümde «Arkadag» topary Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynda ýeňiji bolupdy.

Toparçalaýyn bäsleşigiň netijesinde, «B» toparçada 10 utuk toplan «Al-Ahli» (Katar) topary birinji orny eýeledi. 7 utugy bolan «Arkadag» topary bolsa utulan-çykdy bäsleşiginde çykyş etmäge mümkinçilik berýän ikinji orny eýelemegi başardy.

## *FIFA: Iň gowusy — Dembele*

Fransiýanyň milli ýygyndysynyň we PSŽ toparynyň hüjümçisi Usman Dembele Halkara futbol federasiýasy (FIFA) tarapyndan 2024-2025-nji ýylyň möwsüminiň «Iň gowy oýunçysy» diýlip ykrar edildi. «The Best FIFA Football Awards» baýragynyň gowşurylyş dabarasy Kataryň paýtagty Doha şäherinde geçirildi.

FIFA bu ýyl hem «Iň gowy oýunçyny» milli ýygyndylaryň baş tälimçileriniň we kapitanlarynyň, sport žurnalistleriniň hem-de janköýerleriň ses bermegi netijesinde saýlady. Ses berlişigiň netijesinde Usman Dembele bu baýraga dalaşgär görkezilen beýleki oýunçylardan öňe saýlanmagy başardy.

Zenanlaryň arasynda «Ýylyň iň gowy oýunçysy» hökmünde «Barselonanyň» wekili Aýtana Bonmati ykrar edildi. Şeýlelikde, ol bu baýraga bassyr üçünji gezek mynasyp görüldi.

FIFA «Ýylyň iň gowy tälimçisi» diýip PSŽ-ni türgenleşdirýän Luis Enrikeni, «Ýylyň iň owadan goly» hökmünde Argentinanyň «Independente» klubynyň oýunçysy Santýago Montieliň jerime meýdançasynyň daşyndan üstaşyr urgy bilen geçiren goluny saýlady.

## *PSŽ, Safonow, penalti...*

Katar Döwletiniň Er-Raýan şäherinde FIFA-nyň Yklymara kubogynyň final oýny geçirildi. Onda PSŽ bilen «Flamengo» duşuşdy.

Esasy hem-de goşmaça wagty 1:1 hasabynda tamamlanan oýnuň gahrymany fransuz toparynyň rus derwezeçisi Matweý Safonow boldy. Ol garşydaş toparynyň oýunçylarynyň oýundan soňky ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgularynyň dördüsini hem gaýtarmagy başardy. Şeýlelikde, PSŽ 2:1 hasabynda ýeňiş gazandy.

Matweý Safonow FIFA-nyň ýaryşlarynyň taryhynda bir oýunda bassyr dört gezek penalti urgularyny saklamagy başaran ilkinji derwezeçi boldy. PSŽ-niň baş tälimçisi Luis Enrikeniň aýtmagyna görä, Matweý penalti urgularynyň soňky ikisini eli şikesli halda saklapdyr.



**Allanur ÇARYÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com